# Türkmenistanyň Mejlisiniň wekilleriniň Pekin şäherine iş sapary

2024-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Halkara we parlamentara aragatnaşyklar baradaky komitetiniň başlygynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Hytaý Halk Respublikasynyň Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň Hemişelik komitetiniň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Ýuwaş ummanynyň ada döwletleriniň Parlamentleriniň deputatlarynyň maslahatynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

Açylyş dabarasy Hytaý Halk Respublikasynyň Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň Hemişelik komitetiniň Başlygynyň orunbasarynyň ýolbaşçylygynda geçirildi. Açylyş dabarasynda türkmen tarapy Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan, parahatçylygyň we ynanyşmagyň pugtalandyrylmagyna, dünýä döwletleriniň we halklarynyň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine gönükdirilen ynsanperwer döwlet syýasaty bilen tanyşdyrdy. Şeýle hem bu maslahatyň geljekki ygtybarly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda we demokratik ösüş ýolunda tejribe alyşmakda, parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde parlament diplomatiýasy arkaly birek-birege goldaw bermekde möhüm meýdançadygyny belläp geçdi.

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024